# Koronawirus biologiki ýaragyñ synagymy?

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Koronawirus biologiki ýaragyñ synagymy? KORONAWIRUS BIOLOGIKI ÝARAGYÑ SYNAGYMY?




Gadyrly okyjylar! Soñky günlerde Hytaýda ýüze çykyp, dünýäniñ birnäçe ýurdunda howsala döreden we öñüni alyş çärelerini ýygjamladan koronawirus öz ady bilen geldi we 2020-nji ýylyñ geçen bary-ýogy iki aýynda taryha girmegi başardy.
Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyñ direkory Tedros Adanom Gebreisus guramanyñ Ženewadaky ýygnagynda: "Häzir bu kesel üçin kesgitlän ýörite adalgamyz bar, ol – Covid-19" diýdi.
"Belli bir geografik ýere, bir haýwana, bir şahsa ýa-da birnäçe adama gönükdirilmedik, şol bir wagtyñ özünde düşnükli we kesel bilen baglanyşykly at tapmaly boldy" diýen Gebreisus muña ýörite at dakmagyñ manysyny ýoýujy nädogry atlaryñ dakylmagynyñ öñüni almak üçin gerekdigini nygtady.
Hubeý prowinsiýasynyñ Uhan şäherinden başlap çaltlyk bilen Hytaýyñ beýleki ýerlerine ýaýran "koronawirus" hernäçe ýarganat çorbasyna, ýylanyñ dürli görnüşlerinden taýýarlanan naharlara, syçan ýa-da içýan menýularyna yşarat etse-de, hakykat başga hili bolup çykjaga meñzeýär. Bütindünýä ykdysady forumynyñ ýeñ astyndan edýän çagyryşlary we "Bill and Melinda Gates" fondunyñ gurnalmagyna hemaýat eden ýörite simulýasiýa global maýadarlygyñ üns merkezindäki millionlarça adamy ýakyndan gyzyklandyrýar.
Biyologiki uruşlar adamzadyñ uzak wagtlap üstünde işlän laboratoriýa wiruslarynyñ ýaýylmagy ýoly arkaly häzirkizaman dünýämiziñ inkär edip bolmajak hakykatlarynyñ arasynda öz

ýerini aldy.
Millionlarça adamyñ ölümine sebäp bolup biljek we yklymlaryñ genetiki aýratynlyklaryna görä täsir edýän bu wiruslar bombalardan, ýaraglardan we hatda terrorçylykly guramalardan-da beter has uly howpuñ barlygyna yşarat edýär.
Dünýäniñ çakdanaşa maýlamagy bilen birlikde möwjäp adamzat üçin howply ýagdaýlara getiren global yklymara krizisler, robot tehnologiýasynyñ çakdanaşa ornaşdyrylmagy sebäpli işçi güýjüniñ aýak astyna alynmagy, global maýadarlar we iş eýesi ketdeler mundan beýläk işsiz galan adamlaryñ aýaga çolaşyp ýörmegini görmek islänok.



Hytaý soňky günlerde ýurduň iň köp adamly we söwda merkezleriniň biri bolan Uhanda ýüze çykan we çaltlyk ýurdyň beýleki şäherlerine-de ýaýran nowel koronawirus (2019-nCoV) epidemiýasyna garşy göreşýär.
Ýurtda öňem duş gelinen SARS we MERS wiruslaryna meňzeş bu "täze" apatyň mikroskopda görülende agzalan şol iki wirusyň birleşmesinden dörändigi anyklandy.
SARS wirusynyň 2003-nji ýylda pişiklerde gabat gelen koronawirusa esaslanyp taýýarlanandygy we genetiki tilsimler bilen birleşdirilip biologiki uruş serişdesine öwrülendigi öňe sürüldi.
Russiýanyň Medisina ylymlary akademiýasynyň agzasy Aleksandr Kolesnikow SARS wirusy boýunça barlaglary geçirende gyzamyk we swinka gatyşykly kesel bolan SARS wirusynyň laboratoriýa şertlerinde Afrikanyň we Aziýanyň halklary üçin taýýarlanandygyny aýtdy.
Soňky kyrk ýylda dünýäde duş gelýän AIDS, MERS, SARS, doňuz dümewi, hanta wirusy, laýma keseli, lihoradka lassa, täze şap keseli (новая стяжка), ebola, Günbatar Nil wirusy we ş.m. epidemiýalaryň hemmesiniň ýaýraýşy "şübheli" hasaplanýar.
Täze dünýä inen çagalara täsir edýän we aňynyň ösmezligine getirýän **zika wirusy** bolsa, ýörite patentli. Bu patentiň eýeleri kimdir öýdýärsiňiz?! Elbetde, ýewreýleriň Rokfeller fondunyň hasabyna işleýän alymlar. Patentiň hasaba alynan wagty bolsa 1947-nji ýyl…
Ýakyn günlerde Hytaýda nijeme adamyň ölümine sebäp bolan koronawirusyň patenti bolsa, 2014-nni ýylda ABŞ-nyň "Amerikan Pirbright Institute" şereketi tarapyndan alyndy. Şereket bu patenti "waksina" maksatly alandygyny aýdyp, hernäçe niýetini bukmaga çalyşsa-da, ABŞ-nyň birinji belgili "duşman" yglan eden ýurdunyň Pekin häkimiýeti hakykaty bilmän duranok.
Adamdan adama dem alyş ýoly arkaly ýokuşýan we ýokuşma tizligi beýleki wiruslardan iki esse güýçli bolan koronawirus ABŞ-Hytaý ykdysady uruşynyň möwjän we düşünuşmezlikleriň tegelek stoluň başynda çözmäge çalşylýan döwründe ýurduň ykdysadyýetine aýgytly zarba urdy.
Wirusdan ölenleriň arasynda aziýaly däl ýeke adamam ýok. Üstesine 47 million ilatly ullakan welaýat karantin astynda saklanýar.
Hytaýda millionlarça dollar zyýana goýan guş dümewi, "Afrikanyň doňuz ody" we beýleki keselleriň yzysüre

koronawirusyñ garşysynda uzak wagtlap sesini çykarman gezen Hytaýyñ döwlet baştutany Si Szinpin: “Wirus barha ýaýraýar. Ýurt jygba-jygly ýagdaýda galdy" diýdi. Şol ikiarada ykdysady şertnamanyñ birinji fazasyna gol çeken ABŞ we onuñ amerikan guýrukly global maýadarlary Dawosda "maýlama krizisini we ykdysady meseleleri" ara alyp maslahatlaşdylar.
Emeli añ we genom tehnologiýasynyñ el zähmetini ep-esli derejede azaltmagy durmuşymyzy we önümçiligi oñyn tarapa üýtgeder öýdülýärdi. Muna garamazdan gün geldigiçe artýan yklymara krizis zerarly "ýaşamaga ýaramsyz" hala gelen Ýer togalagy 7.7 milliard adam üçin "oñşukly" mülk bolmakdan barha daşlaşýar.



Greta Tunberg kontinentara tebigy heläkçilikleriñ döremegine garşy "çykyş etmegi" üçin ABŞ-nyñ wise-prezidenti Albert Gor tarapyndan ýörite taýýarlandy. Dawosa işewür statusynda gatnaşan ABŞ-nyñ Prezidenti Donald Tramp bolsa ýañsy astyna alynan Tunbergi üns berip diñlänleriñ arasyndady.
Has takygy, dünýä ilatynyñ aglaba bölegini yklymara heläkçilikler ýakynlaşmanka "ýok etmek" maksady bilen Dawosda geçirilen Bütindünýä Ykdysady forumy 4.6 milliard adamyñ barlygyna deñ baýlyga eýeçilik edýän 2153 adamyñ keýpi-sapasyna mekançylyk etmek bilenem çäklenmän, üçünji derejeli ýurtlarda azaldylmasy gerek ilatyñ sanyny-da kesgitleýärdi.
Rokfellerler maşgalasynyñ aklawjysy we ABŞ-nyñ strategisti Genri Kissinjer 2020-nji ýylda baryp-ha geçen asyryñ 70-nji ýyllarynda meýilleşdiren: öz işlerine ýaramaýan, girdejisiz, dünýäni hapalaýan we "indi" zerurlygy ýok adamlardan halas bolmagyñ wagtynyñ gelendigini, özem muny durmuşa geçirende beýleki döwletleriñ ykdysadyýetine zarba urma ýoly arkaly amala aşyrmagyñ peýdaly boljakdygyny öwran-öwran tekrarlaýardy. Galyberse-de, yklymara üýtgeşmeler zerarly Ýer togalagy çaltlyk bilen öz soñuna tarap barýan döwründe ABŞ-nyñ ösüşden yza galan ýurtlaryñ nebitine, magdanyna we beýleki tebigy baýlyklaryna bolan islegi artýar. Gynansak-da, iniñi tisgindiriji faktlarda görlüşi ýaly, dünýäniñ ketdelik satýan güýçleri adamlary ýok etmek üçin diñe ok atýan ýaraglary ulanmaýar.
Siziñ ähliñize Allatagaladan jan saglyk, uzak ömür dileýärin. Agzybirlikde, parahatçylykly günlerde ýaşamak hemmämize nesip etsin!
Erhan UÝSAL.

19.02.2020 ý, "Kocaeli Barış" gazeti. Publisistika